# Wiktor Gýugo

Category: Goşgular,Kitapcy,Poemalar,Romanlar,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Wiktor Gýugo WIKTOR GÝUGO

Wiktor Gýugo, dünýä belli fransuz ýazyjysy, şahyr, dramaturg, fransuz romantizminiň iň görnükli wekilleriniň biri.

Wiktor Mari Gýugo 1802-nji ýylyň 26-njy fewralynda Bezansonda (Birinji fransuz respublikasy döwründe) dünýä inýär.
Kakasy ~ Napoleonyň serkerdesi Žozef Leopold Sigisber Gýugo we ejesi hanym Gýugo (gyz ady Sofi Fransuaz Trebýuşe de la Renodýe).
Ene-atasy aýrylyşan körpe Wiktor iki sany uly agasy bilen kä kakasynyň, kä ejesiniň ýanynda ýaşady, olar bir şäherden beýlekä, Fransiýadan kä Italiýa, kä Ispaniýa göçüp-gonýardy. Wiktor bäş ýaşynda kakasynyň harby polkuna ýazylypdyr.
Ýetginjekkä Wiktor Gýugo goşgulary hem-de latyn şahyrlaryndan eden terjimeleri bilen on sany depderi doldurypdyr, emma olary ýakypdyr. Ol wagtlar Wiktor Parižde, keramatly Margarita köçesindäki pansionda okaýardy.
Fransuz akademiýasy tarapyndan yglan edilen bäsleşikde ýaş Gýugo üç ýüz otuz dört setirden ybarat poemasy üçin Hormat hatyna mynasyp boldy. Tuluz akademiýasy «Genrih IV heýkeliniň dikeldilmegi» atly odasy üçin ony «Altyn liliýa» baýragy bilen sylaglapdyr.
Tizara Wiktor Gýugo agasy Abel bilen bile «Edebiýat konserwatory» ady bilen edebi žurnal neşir etmäge synanyşdy. Bir ýarym ýylyň dowamynda Wiktor bu žurnalda on bir tahallus bilen 112 sany makala, 22 sany goşgy çap etdirdi. Abel öz hasabyna Wiktoryň ilkinji kitabyny neşir etdirdi, ol «Odalar we başga goşgular» diýlip atlandyrylýardy.
Ömrüniň otuzynjy ýylynda Gýugo eýýäm «Gündogar äheňleri», «Güýz ýapraklary» atly goşgular ýygyndylarynyň, «Islandiýaly Gan» (W. Skottuň usulynda we iňlis gotiki romanynyň täsirinde)

romanynyň, «Ölüme höküm edileniň iň ahyrky güni» powestiniň, «Kromwel», «Marion Delorm» (çap etmäge rugsat berilmedik) we «Ernani» atly dramalarynyň ýazarydy.

«Kromwel» atly dramasyna ýazan sözbaşysy edebiýatçylar tarapyndan «Romantizmiň manifesti» hökmünde biragyzdan ykrar edilen Wiktor Gýugo romantizmiň asyl özenini «hiç haçan rahatlyk bilmeýän, kä şatlanýan, kä nalaýan kalbyň geň howsalasy» hökmünde häsiýetlendiripdi.

1831-nji ýylyň başlarynda ol «Parižli Bibimerýemiň ybadathanasy» atly romanyny tamamlady. Gýugo bu kitabyny ilkinji nobatda «hyýaly göz öňüne getirmäniň, hokgabazlygyň we fantaziýanyň önümi» diýip häsiýetlendirdi. Ol bu roman üçin zerur bolan XV asyryň Parižі hakyndaky maglumatlary üç ýyllap toplapdy. Romanyň golýazmasyny neşirýata şertnamada belenilen iň ahyrky möhletde tabşyrdy. Ol wagt Gýugonyň eýýäm öýi, maşgalasy bardy we ol edebi zähmeti bilen her ýyl iň azyndan on bäş müň frank gazanmagyň arzuwyndady. Tiz wagtdan ol mundan has köp gazanyp başlady, ýöne her agşam ol ýadaman-ýaltanman, öz çykdajylaryny santime* (fransuz pul birligi) çenli hasaplaýardy.

1830-njy ýylyň iýun we 1848-nji ýylyň fewral aýlaryndaky rewolýusiýalaryň aralygynda Gýugo birnäçe täze şahyrana eserler toplumyny: goşgy bilen ýazylan «Korolyň güýmenjesi» dramasyny, kyssadaky üç dramasyny, Germaniýa baradaky oçerkler kitabyny («Reýn») tamamlapdy we soňra ady «Ýekirilenler» diýlip üýtgedilen «Garyplyk» romanyny ýazmaga oturdy.

1841-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda Wiktor Gýugo akademiýa kabul edildi. Aradan ýedi ýyl geçenden soň, Parižiň VIII okrugynyň häkimligine saýlandy. Ol Kanun çykaryjy mejlisde Respublikanyň prezidenti, şazada Lui Bonaparty tankytlap çykyş etdi. Lui Bonapart imperatorlyk häkimligini ele almak maksady bilen, döwlet agdarylyşygyny amala aşyrandan soň, Gýugo tussag edilmek howpy abandy we ol galp pasport bilen Parižden Brýussele gaçyp gitmeli boldy. Şeýdip onuň uzak ýyllara çeken sergezdanlygy başlandy.

«Eger jahanda sürgün edilen üçin ajaýyp künjek bar bolsa, Jersini hem olaryň hataryna goşmak gerek… Men bu ýerde, deňziň

kenaryndaky ak külbede mesgen tutundym. Öz penjirämden Fransiýany görýärin» diýip, Gýugo Normand adalarynyň Jersi diýilýän ýerindäki Marin-Terras öýünde ýazypdy. Bu ýazgysynda «ak külbe» diýip atlandyrýan öýünde ol üç ýyllap ýaşady. Beýleki fransuz emigrantlary bilen birlikde Jersiden çykarylan Wiktor Gýugo goňşy Gernsi adasynda ýerleşdi we «Syn etme» atly goşgular ýygyndysynyň galamhakyna Otwil-Haus atly öýüni satyn aldy.
Otwil-Hausdaky öýünde ol «Ýekirilenler» romanyny ýazyp tamamlady, «Asyrlaryň rowaýaty» atly göwrümli epopeýasy üçin birgiden goşgulary we poemalary ýazdy. Şeýle hem «Deňziň zähmetkeşleri (Jersiniň balykçylary hakynda) we «Gülýän adam» atly romanlaryny döretdi.
1870-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Fransiýa Respublika hökmünde jar edilen dessine Gýugo Parižе dolanyp bardy. Parižiň Demirgazyk demir ýol menzilinde ony mähelle «Marselýezany» aýdyp we «Ýaşasyn Fransiýa! Ýaşasyn Gýugo!» diýen şatlykly gykylyk bilen garşylady. Tiz wagtdan Gýugo Milli mejlisiň deputatlygyna saýlandy.
«Togsan üçünji ýyl» atly soňky romanyny özüniň Jersidäki öýüne gaýdyp gelip tamamlan Gýugo onuň galamhakyna Parižden özi, agtyklary we gelinleri üçin uly mülk satyn aldy.
Şol wagt onuň aýaly-da, ogullary-da, uly gyzy-da aradan çykypdy. Onuň körpe gyzy bolsa akyl taýdan näsaglaryň hassahanasyna ýerleşdirilipdi. Gýugo agtyklary Žoržy hem Žannany diýseň eý görerdi we olara «Ata bolmak sungaty» atly goşgular toplumyny bagyşlapdy.
Ýakynlarynyň güwä geçmegine görä, Wiktor Gýugo ölüm ýassygynda ýatyrka şeýle diýipdir: «Günüň ýagtylygy bilen gijäniň tümlüginiň arasynda tutluşyk gidýär… en garaňkyda ýagtylygy görýärin». Bu ýazyjynyň iň ahyrky sözleri bolupdyr…
1885-nji ýylyň iýunynda san-sajaksyz märeke onuň tabydyny Ýyldyz meýdanyndan Panteona deňiç göterip äkitdi. Hormat garawulynyň ýanyndaky ak bägüllerden edilen gülhalkalar bilen bezelen, başga hiç hili kaşaňlyk bolmadyk gara tabyt arabasynyň gapdalynda on iki sany ýaş şahyr durdy. Öz wesýetnamasynda Wiktor Gýugo şeýle ýazypdyr:

«Elli müň franky mätäçlere miras galdyrýaryn. Tabydymy gonamçylyga garyplara niýetlenen arabada äkitmeklerini isleýärin. Ybadathanalarda ruhum üçin doga okamaklaryndan ýüz öwürýärin. Hemmeleriň maňa doga-dileg etmegini haýyş edýärin. Taňra ynanýaryn.
Wiktor Gýugo». Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly